# Gysgançlyk

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gysgançlyk GYSGANÇLYK




Açgöz nazaryny çar ýana dikip,
Eýmenç tüpeňini alyp eline.
Awçy ýigit uly dabara bilen,
Gadam goýdy Garagumuň çölüne.
A Garagum tutup husytlygyna,
Ýekeje çebişem rowa görmedi.
Köýdürse-de ençe gijäň ukusyn,
Awçynyň niýeti başa barmady.

Sögünç sözler bilen boşadyp için,
Dolandy yzyna, gaçyp mejaly.
…Gysgançlygam düşen wagty jüpüne,
Pikir edýäň weli, erbet däl ýaly?!

* * *

Ýok, ýok, hergiz görip bilen deň bolmaň,
Ejiz bilen bil tutuşmak aýypdyr.
Bilýäňizmi, ir döwürde bir dana,
«Göripleri gülüp ýeňip» bilipdir.

Halal süýdi emip, özümiz bilip,
Adam bolup ýaşamaga çalyşýas.
Gaçgynymyz bolup agzy ýelliler,

Dana kişi bilen pikir alyşýas.

Toýda gülkimizden titreýär asman,
Ýasda syrygýandyr hakyky gözýaş.
Manyly geçse bes, nämä gerekmiş,
Pyşdylyňky ýaly ýaşalan ýüz ýaş.

Okap beýik mekdebinde atalañ,
Bize ýeten baýlyk: namysdyr-ardyr.
…Synymyzdan aslyşýarmy göripler –
Diýmek, il içinde abraýmyz bardyr.

Amanmyrat KIÇIGULOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986. Goşgular